Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2019-njy ýylyň 13-nji noýabrynda çykaran 156-ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi portalyny ulanmak boýunça Gözükdirijini tassyklamak barada**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy, 2019 ý., № 4, 160-njy sahypa)

Ýurdumyzy sanly ulgam esasynda ösdürmek, milli ykdysadyýetimize sanly ulgamy ornaşdyrmak wezipelerini durmuşa geçirmek we ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygrynda edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi portalyny ulanmak boýunça Gözükdirijini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H. Täçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş
taýdan goramak ministriniň
2019-njy ýylyň 13-nji noýabrynda
çykaran 156-ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi portalyny ulanmak boýunça Gözükdiriji

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi portalyny ulanmak boýunça Gözükdiriji (mundan beýläk – Gözükdiriji) "Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda", "Maglumat we ony goramak hakynda", "Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran 135-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakynda Düzgünnama laýyklykda hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji fewralynda çykaran 1111-nji belgili karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek hem-de ilata edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, işlenip taýýarlanyldy.

Gözükdiriji Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi portalyny (mundan beýläk - Portal) ulanmagyň düzgünlerini kesgitleýär.

Gözükdirijini berjaý etmegiň maksady Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanyjylaryň arasynda işewür we hoşniýetli gurşawy emele getirmek bolup durýar.

2. Gözükdirijiniň maksatlary üçin şu aşakdaky adalgalar we kesgitlemeler ulanylýar.

1) aktiwleşdirmek – peýdalanyjynyň programmany dolandyrmagyň böleklerine (düwmeler, çykgytlar we ş.m.) täsir etmesi, olar programma buýruklary bermäge we şahsy otagy işjeň ýagdaýda saklamaga mümkinçilik berýär;

2) anonim proksi serwerler – kompýuter tor ulgamynda peýdalanyjy bilen maksatly serweriň arasynda araçyl serwer hökmünde çykyş edýän hem-de ulanyja kanunçylykda gadagan edilen hereketleri amala aşyrmaga ýardam berýän salgysy gizlin ýa-da anyklanmadyk serwer;

3) autentifikasiýa – Portalyň maglumat binýadynda ýatda saklanan loginiň we açarsözüň laýyklygyny barlamak;

4) autentifikasiýalaşdyrmak - subýektiň hakykylygynyň barlagyny üpjün etmek, ýagny hödürlenen adyň şol subýekte laýyk gelýändigini barlap tassyklamak;

5) awtorizasiýa – peýdalanyja autentifikasiýalaşdyrma laýyklykda Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin belli bir ygtyýarlyklary we hukuklary bermeklik. Şeýle hem bu hereketleri ýerine ýetirmäge synanyşyk edilende berlen hukuklaryň barlanmagy (tassyklanmagy);

6) elektron poçta (e-mail) – peýdalanyjy tarapyndan kompýuter ýa-da Internet torunda döredilýän elektron bukja. Onuň kömegi bilen salgylary bermek we bu salga maglumatlary kabul etmek, şeýle hem Internet toruny peýdalanyjynyň iberen we onuň salgysyna gelen maglumatlary saklamak we ibermek boýunça hereketler amala aşyrylýar;

7) goragyň guramaçylyk çäreleri – maglumat howpsuzlygyna abanýan howplary amala aşyrmak mümkinçiligini aradan aýyrmak üçin, maglumatlary işläp taýýarlaýjy ulgamyň işleýşini, onuň resurslaryndan peýdalanmagy, işgärleriň işini, şeýle hem peýdalanyjylaryň ulgam bilen özara gatnaşygynyň tertibini düzgünleşdirýän çäreler;

8) goragyň tehniki serişdeleri – özbaşdak ýa-da beýleki serişdeler bilen bilelikde maglumatyň goragyny amala aşyrýan elektron gurluşlar we ýörite programma üpjünçilikleri (peýdalanyjylary identifikasiýa we autentifikasiýa etmek, resurslara rugsady çäklendirmek, hadysalary hasaba almak, maglumatyň kriptografiki goragy we beýlekiler);

9) identifikasiýa (barabar etmek) – peýdalanyja barabarlaýjynyň berilmegi we (ýa-da) ony barabarlaýjylaryň sanawy bilen deňeşdirmek;

10) iş beriji – guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýuridik ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän fiziki şahsdyr;

11) login – peýdalanyjynyň şahsy hasap ýazgysy üçin döredýän dürli görnüşdäki ady;

12) maglumat – gözleniş, saklanyş, işlenip taýýarlanyş, berliş we ýaýradylyş usullaryna garamazdan ähli maglumatlar ýa-da habarlar;

13) maglumatyň howpsuzlygy – maglumatyň ýaşrynlygynyň, bitewiliginiň bozulmagyndan, elýeterlilik derejesiniň peselmeginden ýa-da ýitirilmeginden, şeýle hem bikanun nusgalanylmagyndan goraglylygy;

14) maglumat ulgamy – maglumat binýatlarynda saklanýan maglumatlaryň we olaryň işlenilip taýýarlanylmagyny üpjün edýän maglumat tehnologiýalarynyň hem tehniki serişdeleriň jemi;

15) peýdalanyjy – Portalda şahsy maglumatlaryny (rezýumeni), boş iş orunlary baradaky maglumatlary ýerleşdirýän, Portalyň hyzmatlaryny ulanýan hem-de Internet toruna birikdirilen ahyrky enjamdan peýdalanýan şahs;

16) Portalyň administratory - Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň buýrugy bilen bellenen jogapkär;

17) saýt (web-saýt) – ähli goýlanlar, papkalar, salgylanmalar we tehniki bölüm bilen tematiki taýdan baglanyşykly web-sahypalar topary;

18) şahsy hasap ýazgysy – peýdalanyjynyň Portala özi barada ýerleşdirýän maglumatlaryny saklaýan ýazgy;

19) şahsy maglumatlar (rezýume) – raýat işe kabul edilende talap edilip garalýan, iş tejribesi, endikleri, bilimi we beýleki işe degişli maglumatlary özünde jemleýän resminama;

20) şahsy otag – saýtyň aýratyn bölegi bolup, diňe hasaba duran peýdalanyja döredilýän sahypa. Şahsy otagy döretmek üçin peýdalanyjynyň awtorizasiýa geçmekligi zerurdyr;

21) TCP/IP toplumy – maglumatlary alyşmagy dolandyrýan (Transmission Control Protocol, TCP) we Internet ulgamyna birikdirýän (Internet Protocol, IP) protokollar toplumy. Onuň kömegi bilen kompýuter torlarynyň Internede birikdirilmegi amala aşyrylýar.

## II bap. Portalda hasaba durmak

3. Portala giren her bir iş gözleýän raýat boş iş orunlarynyň sanawy, iş beriji bolsa hasaba duran iş gözleýänleriň sanawy bilen tanyşyp bilerler.

Portalda ýerleşdirilen maglumatlar bilen içgin tanyşmak üçin iş gözleýän raýatlaryň, iş berijileriň Portalda hasaba durmagy zerurdyr.

4. Peýdalanyjylar üçin şu Gözükdiriji Portalda ýerleşdirilýär we peýdalanyjylar awtorizasiýa geçmezden öň şu Gözükdirijiniň düzgünleri we şertleri bilen tanyşýarlar hem-de Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin olar bilen razylaşýandygyny mälim edýärler we olary berjaý etmäge borçlanýarlar.

5. Portalyň hyzmatyndan peýdalanmak üçin şu aşakdakylar zerurdyr:

1) iş gözleýän üçin:

a) bellige alnan elektron poçtanyň (e-mail) bolmagy;

b) Portalda iş gözleýän hökmünde hasaba durmak;

ç) şahsy otagy aktiwleşdirmek üçin hasaba durulanda görkezilen elektron salga Portal tarapyndan iberilen salgylanma geçmek (soňy bilen portalda iş gözleýäniň şahsy otagynda işlemegi login we açarsöz arkaly amala aşyrylýar);

2) iş beriji üçin:

a) Portalyň hyzmatyndan peýdalanmak üçin ýerli iş bilen üpjünçilik gulluklaryna ýüz tutmak;

b) bellige alnan elektron poçtanyň (e-mail) bolmagy;

ç) şahsy otagy aktiwleşdirmek üçin hasaba durulanda görkezilen elektron salga Portal tarapyndan iberilen salgylanma geçmek (soňy bilen portalda iş gözleýäniň şahsy otagynda işlemegi login we açarsöz arkaly amala aşyrylýar).

6. Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanmak hem-de maglumatlary ýerleşdirmek üçin peýdalanyjy şulara borçludyr:

1) özi hakynda dogry we doly maglumaty bermek bilen iş beriji ýa-da iş gözleýän hökmünde hasaba durmaga;

2) şahsy otagda bu maglumaty işjeň ýagdaýda saklamaklyga we yzygiderli täzelemäge.

7. Nädogry maglumat berlen ýagdaýynda Portal peýdalanyja öz hyzmatlaryndan peýdalanmaklygy togtatmaklyga ýa-da peýdalanyjyny ret etmeklige hukugy bardyr.

8. Her bir iş gözleýän raýat Portalda diňe bir gezek hasaba durup biler. Iş gözleýän hökmünde hasaba durlanda iş gözleýäniň hakyky familiýasy we ady doly hem dogry görkezilmelidir.

Bu şertler iş berijä hem degişli, ýagny iş beriji fiziki we ýuridik şahslar özleri barada maglumatlary şeýle hem hödürleýän iş ýerleriniň sanawyny doly hem dogry görkezmelidirler.

9. Peýdalanyjy Portalda özüne degişli ýerleşdirilen maglumatlaryň saklanyş möhletini özbaşdak kesgitleýär.

## III bap. Portaly ulanmak

10. Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanyjy özi tarapyndan ýerleşdirilýän şahsy maglumatlarynyň (rezýumesiniň) düzüminiň ýaşyrynlyk derejesini saýlaýar.

11. Portal ulanylanda iş berijiler özlerinde bar bolan boş iş orunlary, olar üçin zerur bolan hünärmenler barada maglumatlaryny ýerleşdirmek arkaly gyzyklanýan iş gözleýänleriň dykgatyna ýetirip hem-de olaryň arasyndan özlerine laýyk gelýänleri saýlap-seçip alyp bilerler.

12. Hasaba duran iş gözleýänler degişli hünärine laýyklykda bar bolan boş iş orunlary baradaky maglumatlar bilen tanyşyp, iş beriji bilen gös-göni habarlaşyp bilerler.

13. Portal ulanylanda şu aşakdakylar gadagandyr:

1) özüne degişli bolmadyk ýa-da gizlin maglumatlary ýerleşdirmek;

2) maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan ýagdaýyna goşulmak, redaktirlemek we ýok etmek;

3) şahsy maglumatlary (rezýumeni), beýleki peýdalanyjylaryň maglumatlaryny geljekde peýdalanmak maksady bilen ýerleşdirmek, ýagny şahsy maglumatlar (rezýume) bilen hereket etmeklik, olary jemlemek, ulgamlaşdyrmak, toplamak, ýaýratmak we ýok etmek;

4) özüňi başga adam hökmünde görkezmeklik;

5) lakam ýa-da toslama at, ýalňyş maglumatlary ýa-da doly bolmadyk maglumatlary görkezmeklik;

6) üçünji taraplaryň abraýyna we mertebesine, hukugyna we kanuny bähbitlerine dil ýetirýän, dini, jynsy, etniki we milletara dawalaryň döremegine getirýän we ş.m. maglumatlary ýerleşdirmek;

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýaýradylmagy, aýan edilmegi ýa-da başga maksatlarda peýdalanylmagy gadagan edilen ýa-da çäklendirilen dürli beýleki maglumatlary ýerleşdirmek.

14. Peýdalanyjy özi tarapyndan Portalda açyk görnüşde ýerleşdirilen maglumatlaryň hemme beýleki peýdalanyjylar tarapyndan, şol sanda ulanyja hiç hili hak (sylag) bermezden we ondan goşmaça rugsat almazdan Portal tarapyndan ulanylyp bilinjekdigi bilen razylaşýar. Peýdalanyjy özüniň şahsy maglumatlarynyň

(rezýumesiniň) Portalyň maglumat ulgamynyň binýadyna goşulmagyna razylyk berýär.

15. Peýdalanyjy şahsy otagyny we ýerleşdiren maglumatlaryny Portaldan özi aýryp bilýär.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň ýa-da Portaly ulanmagyň düzgünleriniň bozulan halatynda peýdalanyjynyň Portalyň hyzmatyndan peýdalanmagy bes edilýär we portalda oňa degişli bolan maglumatlar ýok edilýär.

## IV bap. Jogapkärçilikden boşatmak

16. Portalyň hyzmatlary amala aşyrylanda ýüze çykyp biljek tehniki näsazlyklar babatynda Portalyň administratory hiç hili jogapkärçilik çekmeýär.

17. Peýdalanyjynyň Portalda ýerleşdiren maglumatlary Portalyň administratory tarapyndan anonim we umumy görnüşde statistik maksatlar üçin peýdalanylyp bilner.

18. Portalyň administratory hukuk goraýjy edaralaryň talaby we kanunda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda peýdalanyjynyň şahsy maglumatlaryny (rezýumesini) açyp görkezmäge haklydyr.

## V bap. Portalyň maglumat howpsuzlygy

19. Portalyň administratory Portalyň maglumat howpsuzlygyny üpjün etmäge, şol sanda Peýdalanyjynyň razylygy bolmazdan onuň maglumat ulgamynda ýerleşdiren şahsy maglumatlarynyň (rezýumesiniň) ýygnalmagyna, saklanylmagyna, peýdalanylmagyna we ýaýradylmagyna ýol bermezlige borçlanýar.

20. Peýdalanyjy Portaly ulanyp, onuň maglumat howpsuzlygyny bozmazlyga we bozmaga çemeleşmezlige, şol sanda şu Gözükdirijiniň ýigrimi birinji böleginde görkezilen gadagan edilen hereketleri amala aşyrmazlyga borçlanýar.

21. Peýdalanyja Portaldan peýdalanan wagtynda şu aşakdaky hereketler gadagan edilýär:

1) Portal bilen işlemek üçin ulanyja degişli bolmadyk şahsy hasap ýazgylaryny ulanmak;

2) Portalyň howpsuzlygynyň goraglylygynyň derejesini barlamaga synanyşmak, bellige alyş we awtorizasiýa düzgünlerini bozmak;

3) Portaldan peýdalanmakda beýleki peýdalanyjylara päsgelçilikleri döretmek;

4) kompýuter wiruslaryny ýaýratmak;

5) maglumatlary zaýalamak;

6) gaýtalanýan maglumatlary ibermek;

7) Portalyň serwerinden elektron bukjany ibermek (ugratmak);

8) Portalyň serwerini bilgeşleýin hatardan çykarmak maksady bilen bir wagtyň özünde köp sanly elektron bukjalaryny ibermek (ugratmak);

9) adaty maksatlaýyn peýdalanyşyň çäklerinden çykýan we bilgeşleýin ýa-da tötänleýin onuň işinde näsazlyklaryň döremegine getirip bilýän hereketleri etmek;

10) Portalyň peýdalanyjylaryna we Portala girýänlere olaryň razylygy bolmazdan peýdasyz hatlary (spamlary), islendik hatlary we mahabaty ibermek;

11) TCP/IP toplumyň we islendik elektron hatlaryň ýa-da Portalda ýerleşdirilen maglumatlaryň atlarynyň böleklerinde islendik ady galplaşdyrmak we meňzetme ýasamak;

12) Portalda oturdylan gözleg ulgamyndan, portalyň programma üpjünçiliginden ýa-da adaty we hemmeleriň ulanýan brauzerlerinden (Microsoft Explorer, Netscape Navigator, Opera we ş.m.) başga Portalda işlemek ýa-da portalda gözlemek üçin islendik beýleki programma üpjünçiliklerinden peýdalanmak we peýdalanmaga synanyşyk etmek;

13) Portalda peýdalanyjynyň işine öýkünýän programma serişdelerini ulanmak;

14) anonim proksi serwerleri ulanmak;

15) ulanyja degişli bolmadyk IP salgylaryň üsti bilen Portalda işlemek;

16) “Uzak aralykdan (Alysdan) iş stoluny dolandyrmak” (Remote Desktop Control) ulgamynyň kömegi bilen Portalda işlemek.

22. Ulgamyň howpsuzlygynyň ýa-da kompýuter peýdalanmagyň düzgüniniň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige getirip bilýär. Portalyň administratory peýdalanyjylar tarapyndan mümkin bolan ähli ýagdaýlarda howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy boýunça beýleki degişli edaralar bilen hyzmatdaşlykda şeýle işiň öňüni almak maksady bilen barlag-derňew işlerini geçirýär.

23. Peýdalanyjy tarapyndan maglumat howpsuzlygynyň, şol sanda Portaly ulanmagyň şu Gözükdirijiniň ýigrimi birinji böleginiň talaplarynyň we beýleki şertleriniň düzgünleriniň bozulmagy Portalyň administratory tarapyndan goragyň guramaçylyk çäreleri we goragyň tehniki serişdeleriniň kömegi bilen kesgitlenilýär hem-de aradan aýrylýar.

24. Portalyň administratory hereket edýän Türkmenistanyň kanunçylygy we şu Gözükdiriji esasynda Portaly ulanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 10-njy dekabrynda 1280 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.